Eýran Yslam Respublikasynyň «Iran Agrofood» atly 16-njy ýöriteleşdirilen sergisine we Türkmen-eýran işewürlik maslahatyna gatnaşyjylara

**Hormatly sergä we maslahata gatnaşyjylar!**

**Gadyrly myhmanlar!**

Sizi «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Aşgabat şäherinde geçirilýän Eýran Yslam Respublikasynyň «Iran Agrofood» atly 16-njy ýöriteleşdirilen sergisiniň we Türkmen-eýran işewürlik maslahatynyň öz işine başlamagy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Bu giň möçberli çäreleriň Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan dost-doganlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň has-da giňeldilmegine uly itergi berjekdigine berk ynanýaryn.

Türkmenistan we Eýran Yslam Respublikasy uzak möhletleýin, ygtybarly hyzmatdaş bolmak bilen, netijeli, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň toplanan tejribesini yzygiderli baýlaşdyrýarlar. Iki goňşy döwletiň halklarynyň gözbaşy asyrlara uzaýan taryhy köklere esaslanýan dost-doganlyk gatnaşyklary häzirki döwürde täze many-mazmuna eýe bolup, ähli ugurlarda, şol sanda söwda-ykdysady ulgamda depginli ösdürilýär. Türkmenistanda maýa goýumlar, işewürlik gatnaşyklary, söwda hyzmatdaşlygy babatda döredilýän amatly şertler türkmen-eýran gatnaşyklaryny ösdürmek üçin hem uly mümkinçilikleri açýar.

**Hormatly myhmanlar!**

**Gadyrly dostlar!**

Eýran Yslam Respublikasy Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda möhüm orny eýeleýär. Munuň şeýledigine iki ýurduň arasynda eksport we import edilýän harytlaryň görnüşleriniň giňelýändigi, olaryň möçberiniň durnukly artýandygy hem aýdyň şaýatlyk edýär.

Nebitgaz, energetika, senagat, oba we suw hojalygy, gurluşyk, ulag-aragatnaşyk pudaklarynda netijeli hem-de özara bähbitli gatnaşyklar yzygiderli ösdürilýär. Asylly däbe öwrülen ýöriteleşdirilen sergileriň, işewürlik maslahatlarynyň yzygiderli geçirilmegi hyzmatdaşlygyň ugurlaryny giňeltmekde, döwlet we hususy kärhanalaryň özara gatnaşyklaryny täze taslamalar bilen baýlaşdyrmakda, ýurtlarymyzyň arasyndaky haryt dolanyşygyny artdyrmakda uly ähmiýete eýedir.

Şu gün öz işine başlaýan Eýran Yslam Respublikasynyň «Iran Agrofood» atly 16-njy ýöriteleşdirilen sergisinde hem oba hojalygy, azyk we gaýtadan işleýän senagat, oba hojalyk, azyk önümlerini gaplamagyň, saklamagyň we daşamagyň döwrebap tehnologiýalary, olaryň

Все права защищены

eksporty hem importy bilen bagly ugurlarda iş alyp barýan kompaniýalar innowasion ösüş ýolunda ýeten sepgitlerini görkezerler. Türkmen-eýran işewürlik maslahatynyň çäginde bolsa öňdebaryjy tejribelerini, işläp taýýarlamalaryny alşarlar, hyzmatdaşlygyň geljekki mümkinçiliklerini, täze taslamalary ara alyp maslahatlaşarlar. Şeýlelikde, ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilýän bu çäreler iki ýurduň işewür toparlarynyň arasynda ýola goýlan uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine oňyn täsir eder.

**Hormatly sergä we maslahata gatnaşyjylar!**

**Gadyrly myhmanlar!**

Sizi Eýran Yslam Respublikasynyň «Iran Agrofood» atly 16-njy ýöriteleşdirilen sergisiniň hem-de işewürlik maslahatynyň öz işine başlamagy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, türkmen we eýran halklarynyň dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de berkemeginiň bähbidine iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň has-da ösdürilmegine gönükdirilen asylly işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

**Serdar Berdimuhamedow.**

Все права защищены